# Tumar / ömür beýany

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 23 января, 2025
Tumar / ömür beýany TUMAR

Kakasy Kambisiň hem ejesi Mandananyň ýanyna ýeten badyna Göreş öz ykbalynda bolup geçen wakalary olara gürrüň berdi. Özüni halas edenler – çopan Mitridat bilen onuň aýaly Sopakonuň atlaryny aýratyn mähir hem hoşallyk bilen ýatlady.
Özüni emdiren, kemala getiren çopanyň aýalyny öz ejesi hasaplaýandygyny aýtmakdan çekinmedi. Onuň adyny dilinden düşürmedi.
Ulular Göreşiň dogmanka hem dogan pursadyndan başlanan çylşyrymly ykbalyndan gudrata bagly netije çykaryp, onuň ýokary güýçleriň nazary düşen çagadygy, ölüme höküm edilende ony ýabany itiň halas edendigi, emdirip ekländigi barada rowaýatlary, hyýaly gürrüňleri ýaýradyp başladylar. Geň ýeri – ýukaýürek Sopakonuň ady hem it, köpek diýmegi aňladýar eken. Bu gürrüňler agyzdanagza geçip, güýçli şemalyň uzaklara ýaýradýan hem boz ýere düşürýän tohumlary ýaly derrew kök urup, gol ýaýradyp başlady.
Göreş sypaty bilen nazarlary özünde egläp bilýän, akylly, bilesigeliji, özdiýenliligi hembuýsanjaňlygy bilen deň-duşlaryndan tapawutlanýan, şöhraty söýýän we şöhrat üçin ähli töwekgellige taýýar, her hili howpuň gözüne dogry garap bilýän, gaýduwsyz ýigit bolup ýetişip gelýär.
Göreşiň köp taraply ylymlary ele almaga höwesi, gymmatly tejribe hakykatyny öwrenmäge teşneligi, iň esasam, bu düýpsüz durmuş ummanyndan çolpusyna ilen zatlary seljerip, dogry netije çykaryp bilmek ukyby, onuň özi barada ýaýradylýan rowaýatlaryň asly boş warsaky däldigini subut etjek derejede hakykatdygyny tassyklajak deliller bolup hyzmat edýär.
Göreş diňe üstün çykan, rüstem gelen ýerine degişli wakalary beýan etmek bilen çäklenmän, säwlik goýberen, ýalňyşlyga ýol beren gezekleri barada aýtmakdan hem çekinenok. Özem bu onuň abraýyna zeper ýetirmän, gaýta adalatly adam hökmünde Göreşiň

mertebesini beýgeldýär.
Sapak mahaly öwrenijileriň arasynda şeýle bir waka ýüze çykdy. Göwresi daýaw, gödeňsi, häsiýeti gara golrak oglan emelsiz hereketi bilen kömür bilen ýazýan ýazuw tagtasyny döwüpdir. Bu ýagdaýy ussady duýaýsa, onuň irdegiçde duýuljagyna bolsa hiç hili güman ýok, özü niň mazaly temmi aljagyny bilýän oglan başga bir ejizje çaganyň ýazuw tagtasyny zor bilen elinden alyp, onuň dilini dişiniň aňrysynda saklamagyny unutmazy ýalam ýeňsesine ýelmäp goýberipdir. Ýazuw tag tasy elinden giden, ejizje oglanam gaty tutanýerli eken. Daýawyň o taýbu taýyna ýapyşyp, dişlemägesynanyşyp, näçe dyrjaşsada onuň bitiren goşy bolmady. Gaýta ol tumşugyna ýene biriki ýumruk aldy. Ýöne dawa munuň bilen soňlanaýmady.
Ussat otaga giren badyna bolan waka ny bolşybolşy ýaly, ganyny damdyrman oňa habar berdiler. Ussat dilýarman, Göreşi bu jedeli adalatly çözmek üçin kazy belledi.
Göreş: «Eger birinji oglanyň ýazuw tagtasy döwülmedik bolsa…» diýip, çözgü de başlan badyna ýagyrnysyna şarpyldap çybyk degdi.
Mugallym: «Kanunda «eger» diýen höküm esasy ýok. Onsoňam, boljak iş eýýäm boldy. Kanunda hakykat hem ýalan selje rilýär, günäkär hem ejir çeken anyklanylýar. Adalat hem adalatyň bozulmagy ýüze çykarylýar. Kazynyň ýalňyşmaga haky ýok. Karara her kim boýun bolmaly» diýdi.
Göreş soň ömürboýy kanunyň haýyr bilen şeriň ýeketäk kesgitleýjisidigini ykrar edip ýaşamaga synanyşdy. Ol bu babatda juda çuňa aralaşansoň, bolmalysy bilen bolýanlaryň tapawudyna ýygy-ýygydan duşup, käte «amal edilmejek bolsa, kanun nämä gerek?» diýen sowaly özüne berýän pursatlaram az bolanok.
Şazada bilime, ylma näçe teşnede bolsa, ol özüniň söweş tärlerini öwredýän tälimçilerine has ýakyndygyny duýýar. Öwredilenlerden has artygyny bilýändigini amallarynda subut edip, onuň ussatlaryny ýygy-ýygydan haýran galdyrýan pursatlary az bolanok.
Gadymy parlaryň mizemez däplerine görä, ykbal ynanyljak adamlara söweş tälimleri çagalygyndan düýpli öwredilýär. Ýaş

başlaryna söweşlere gatnaşdyrylýar. Kakasy Kambisiň serkerdäniň esgerlere ýasama dälde hakyky ýakynlygy gazanmak, olar bilen bir bolmak, onbaşylar, ýüzbaşylar, müňbaşylar seçilende olaryň gelip çyky şynyň esas bolman, hakyky başarnygynyň esas bolmalydygy, esgeriň mertebesiniň hiç bir ýagdaýda peseldilmeli däldigi baradaky pentlerini Göreş özüne ýol görkeziji çelgi hökmünde kabul edip aldy. Şonuň üçinem ol Anşan şasynyň tarapyna geçen kowumdaşlaryna ýüzlenende olaryň özlerinden hiç bir jähetde egsik ýada asgyn däldigini, hukuklarynyň asla kem bolmajakdygyny, mertebe belentligine galmagyň bolsa, ilkinji nobatda özlerine baglydygyny nyg tap-nygtap düşündirdi.
Oglunyň belende galşyny içki guwanç bilen synlaýan Kambis tejribeden, gaýduw syzlykdan, mertlikden başga ruhy esasyň hem onda bolmagynyň gerekdigine düşünýär. Şonuň üçinem ol: «Bir zady bek belle, Göreş! Baky ýaşaýan hudaýlar, bolany, bolýany, boljagy bilýän hudaýlar hemişe seniň ýol görkezýän ýyldyzlaryň bolmalydyr. Olaryň oňlamadyk işine baş goşma! Özüňi, esgerleriňi howphataryň penjesine berme! Onsoňam hudaýlar hemmelere ýol görkezip ýören däldirler. Olaryň nazar salanlary – saýlananlardyr! Muny seniň ýaşan gysga ömrüň subut etdi» diýdi.
Göreş gara daşlaryň arasynda awunyň üstüne duýdansyz bökmek üçin garaşyp ýatan gaplaň ýaly töwerekde bolup geçýän wakalary, hereketleri täktäk serinde aýlap gezýär.
Kakasy Kambis aradan çykandan soň, biziň eýýamymyzdan öňki 559-njy ýylda Göreş Anşanyň patyşasy diýlip yglan edildi. Özem bu ýagdaý bolaýmaly zat hökmünde kabul edildi. Göreş bu döwür de gönüdengöni gapmagarşylyklara baş goşmak islemänsoň, babasy Astiag bilenem, beýleki garyndaşlary bilenem gowy gatnaşykda boldy. Paýtagtyň – Pa sargadyň gurluşygyny ähli babatda entek görülmedik derejede alyp baryp, özüniň nähili belent işleri amala aşyryp biljekdi gini ilki bilen özüne, soňra töweregine subut etdi.
Babasynyň özüne edenlerini unutmadygam bolsa, Göreş kalbynda ondan ar almak duýgularyny beslemedi. Gaýta As tiag agtygynyň adynyň-abraýynyň ýokary göterilmeginden, parslaryň hem babylly

laryň ysnyşmalaryndan endişe duýdy. Ol Harran şäheriniň örän möhüm ähmiýete eýedigine göz ýumdy. Indi ol gol astyndakylaryň özüne wepalydyklaryna gözýetirmek derdi bilen meşgul. Şonuň üçinem ol ýok edip bilmedik agtygy Göreşi öz paýtagty Ekbatana çagyrdy.
Ýöne bu gezek Göreş babasynyň çaky lygyny kabul etmedi, gaýta tersine manysy tapmaça meňzeş tekepbir jogap gaýtardy: «Astiag! Tiz wagtda, hatda seniň çaklaý şyňdanam basym men seniň köşgüňde bolaryn!».
Beýle jogabyň berilmeginiň özüne ýetesi sebäbi bardy. Özüne Mandananyň bä begini gümlemek ýaly aýylganç, akyl-almaz ýumuş tabşyrylan, öz perzendi bilen baglanyşykly aýylganç wakany başdan geçir meli bolan serkerde Garpag şol wagşyýana pursatlardan başlap, Midiýa şasy Astiagdan aryny almak islegi bilen ýanypköýýärdi. Ol awlanan towşanyň derisine salyp, Göreşe gizlin hat ýollady.
Hatyň mazmuny şeýledi:
*«Göreş! Men seni pajygaly ýagdaýda jyda düşen oglumyň ornuna öz perzendim hasap edýärin. Meni şu dünýäde ýaşadyp ýören ýeke-täk sebäp we güýç diňe şol. Men seniň beýik bolanyňy görmek isleýärin. Sen babaňyň çakylygyna gelme! Eger gelseň, bu gezek saňa menem, Mitridatam, Sopako-da hemaýat edip, seni halas edip bilmez. Bu seniň bu ýere iň soňky gezek gelişiň bolar.*
*Unutma! Göreş! Taňrylar seni söýýär hem öz penalarynda gorap saklaýar. Sen olaryň goragynda. Bejit herekete geç! Seni doglan badyňa dünýä inmedik ýaly etjek bolan Astiagdan aryňy al! Oňa galsa, sen birmahal gurçuklara iým bolardyň. Ýöne taňrylaryň, belli bir derejede meniň saýamda sen diri galdyň, şu derejä ýetdiň. Eger babaň niýeti amala aşan bolsa, nämeleriň bolup biljekdigine sen gowy düşünýänsiň. Meniň seze war bolan synaglarymdan hem habarlysyň.*
*Sen ýakyn zamanda Astiagyň ýurduny dolandyrmak isleýän bolsaň, parsuaşlary aýaga galdyr hem midiýalylaryň üstüne ýöriş et! Midiýalylaryň goşunbaşysynyň meniň ýada başga biriniň boljakdygy ol diýen ähmiýetli däl. Ýeňen sen bolarsyň! Çünki midiýalylar gijegündiz Astiagyň zulmundan dynmagyň arzuwyny edýärler.*

*Onsoňam saňa duşman ordanyň saplarynda men bar. Bu ýerde saňa garaşýarlar. Ýaýdanman tiz hereket et!».*

Bu hat Göreşiň kalbynyň töründe ýatan meýliniň kagyz ýüzüne geçirilen nusgasydy. Başda söweş we söweşleriň netijeleri Garpagyň çaklaýşy ýaly bolmady. Parsuaş hem Midiýa serhetlerindäki söweşleriň ençemesinde midiýalylar ýeňiş gazandylar. Ýöne midiýalylaryň goşunlarynyň serkerdesiniň, onuň bilen özüne wepaly esgerleriň Göreşiň tarapyna geçmegi ýüze çykan ýagdaýy belli bir derejede özgertdi. Şeýle de bolsa, saýlama goşunlarynyň paýtagt Pasargada çekilmegi, Astiagyň öç almak üçin ähli güýçlerini tijemegi Göreşe düýpli rahatsyzlyk berdi.

Janyna aram giren Astiag bolsa, özüni ýalňyş ýola iteren, agtygyny ýok etmekden el çekdiren palmanlary jezalandyrdy. Soňundanam Pasargadyň üstüne aýgytly hüjüm etmek üçin goşunynyň başyna özi geçdi. Bu gezek onuň bozuk niýetini amala aşyrjakdygy çynydy.

Ýakyn garyndaşlaryň gyrlyşykly garpyşmalaryna hezil edip, keseden garap oturan başgada biri bardy. Ol Babylyň patyşasy Nabonoiddi. Arileriň – asyllaryň bir-birini parçalaýan bu pursadyň özi üçin iň amatly mümkinçilikdigini duýup, ol herekete geçdi. Söweşlerden garaşylýan netijeleri alyp bilmänsoň, Göreş entek özüne tejribäniň ýetmeýändigini syzdy. Şonuň üçinem ol söweş tärlerini, goranyş hem hüjüm usullaryny has gowy bilýän serkerde Ebara mundan soňky söweş hereketleriniň yk balyny ynandy.

Köp çarşenbäni başdan geçiren serkerde Göreşiň aýgyt edip bilmejek çöz gütlerine girişdi. Ol hüjüm edýänleriň ýolugrundaky ähli şäherleri hem obalary boşatmagy hem ýakmagy buýruk berdi. Ol kentleriň ilaty galanyň arka tarapyna, goşunyň ýeňsesine geçirildi, goragly beýleki galalara ýerleşdirildi. Midiýalylaryň Parsuaşa aralaşyp, aýratynam Pasargada howp salyp biljek ýerlere golaýlamazlygy üçin dag geçitleri, jülge girelgeleri gorag astyna alyndy. Söweşde möhüm dag depe lerine goşun güýçleriýerleşdirildi. Goşunyň aňtaw, esasy, ätiýaç güýçleri başgaça bölünip, täze toparlar döredildi.

Şeýlelikde midiýalylaryň ilkinji hüjümi serpikdirildi. Söweşde-de tagtyndan düşmeýän Astiag: «Eýsem, bu «pisse çakyjylaryň» bular ýaly gaýduwsyzlyk bilen garşylyk görkezmekleri mümkinmi?! Serediň, serkerdeler, eger siz bu pitneçileriň merkini bermeseňiz, kelläňizi pisse şänigi ýaly çympytrak ederin» diýip, gazabyna bäs gelip bilmän haýbat atdy.
Göreşiň edermenlik görkezip söweşendigine, döwüş meýdanyny soňky esger bolup terk edendigine garamazdan, duşman güýçleriniň juda agdyklygy sebäpli yza çekilmäge we özüni berkitmäniň içine atmaga mejbur boldy. Çöken ruhuny gal dyrmak üçin ol esgerlere şeýle sözler bilen ýüzlendi: «Gerçekler! Ine, siziň ykbalyňyz! Eger siz ýeňilseňiz gassapdaky goýunlara öwrülersiňiz. Eger ýeňseňiz, midiýalylaryň guly bolmakdan halas bolup, azaterkin ýaşarsyňyz, bagta eýe bolarsyňyz! Haýsy ýoly seçip aljakdygyňyza karar bermek pursady geldi. Ertir giç bolar!».
Göreş gijäniň tümlüginde aýaloglanuşaklary dag belentlikleriniň goragly ýerlerine ýollap, bu berkitmäni saklamagy kakasy Kambise tabşyrdy. Özi bolsa, Ebar bilen galan goşun böleklerini toplap, midiýalylaryň garşysyna söweşe çykdy. Ýöne bu çaknyşygam garaşylýan netijäni bermedi. Midiýalylar parsuaşlaryň sag ganatyny gabap, berkitmä hüjüm etdiler we ony ele geçirdiler.
Göreşiň kakasy, Astiagyň giýewsi Kambis midiýalylara ýesir düşdi.
Ýaraly ýolbars ýaly ahyrky pursada çenli söweşen Kambisi gaýyn atasy Astiagyň öňüne getirdiler.
Kambis özüni mert alyp bardy. Oňa ejizlemek, aman dilemek, müzzermek diýlen zatlar ýatdy. Ol diňe duşmanyň eline diri düşenliginden ejir çekýärdi.
– Maňa ezýet etme! Meniň ruhum bedenimi terk etmäge taýýar.
– Göreşiň seniň islegiň garşysyna hereket edendigini bilýärin – diýip, oňa jogap hökmünde Astiag seslendi.
– Onuň jenaýatynda seniň paýyň bar diýip biljek däl. Sen meniň ýesirim dälsiň. Jahan bilen rahat hoşlaş. Mertebäňe laýyk edip, mynasyp şekilde jaýlarlar.
Dag ýodalary bilen Pasargada dyrmaş ýan duşman maksadyna

ýetäýse, nähili heläkçiligiň boljakdygyna göz ýetiren Ebar öňden taýýarlan pirimlerine baş urdy. Ol müň atlyny yzyna tirkäp, bir özüne mälim dag ýodalary bilen jülgede duşmany garşylamak üçin hereket etdi. Bolýan zatlardan habarly Astiag ýigrimi müň esgeri pitneçileriň arkasyndan urar ýaly dagyň ýeňse tarapyna ýollady. Ebar duşmanyň sansyz sülsadyny görüp, halas bolmak üçin yza dönüp, atlaryny gamçylap başlanlarynda, midiýalylar olary ele salmak üçin öňe haýdadylar. Haçanda olar iki tarapy dik gaýalyk jülgä girip, duşmanyň yzyndan ýetmäge gyssananlarynda, birden dag gaýalaryndan äpet daşlar dökülip, harsaňlar jülgäniň öň hem yztarapynypetikledi. Duşmanydaşýy gynynyň içinde bent etmek Ebaryň öňden taýýarlan emelidi. Depeden ýagýan daşlar hem peýkamlar ýigrimi müňlük goşuny paýhyn etdi, midiýalylar aýňalyp bilinmejek zyýan çekdiler.
Gazapdan ýaňa dälilik hetdine ýeten Astiag ähli güýçlerini toplap, parsuaşlaryň üstüne hüjüme geçdi. Netije olaryň çaklaýşy ýalyrak boldy. Göreş yza çekilip, dag kemerlerine dyrmaşyp, barha Pasargada golaýlaşyp gelýärdi.
Şol gün garaşylmadyk bir waka boldy. Paýtagtdan aşak inýän öwrümli dag ýodajyklaryndan gatyr münen aýallaryň uly topary pars goşunynyň ýokary başyndan girdi. Olaryň billerine guşanan gylyçlary, boýunlaryndan asan ýaýlary, ellerindäki, nirede saklajaklaryny bilmeýän gürzüleri gülkünç görünýän hem bolsa, olaryň gözlerinde gazap ody ýanýardy, ýüzlerinde ýigrenç möhüri lowurdap durdy.
Göreş aýallar toparynyň başyny çekip gelýän ejesi Mandanany zordan tanady. Garşylamak üçin atdan inip öňe topulan Göreş ejesiniň ýowuz nazaryna büdräp sägindi. Saklanany gowy boldy. Ýogsam, gaýduwsyz aýalyň elindäki gürzüniň paty şanyň depesinden inäýmegi gaty ahmaldy.
Göreşem, ähli serkerdelerem doňup galdy. Man dananyň sesi dag gaýasyndaky ene bürgüdiň etenelerine howp abananda çykarýan ýiti, belent, howsalaly çakylygyna meňzedi.
– Anşan şasy! Serkerdeler! Siz duşmany yzyňyza tirkäp paýtagta ýetip gelýäňiz. Söweşmegi, topragy, paýtagty, zenanlary hem çagalary goramagy ýatdan çykaran bolsaňyz, başarmaýan bolsaňyz, gezegi bize beriň! Size derek biz söweşeris.

Ýeňeris, ýeňmesegem namysymyzy gorap öleris! Men bir gelmişek. Midiýaly. Men bu çozup gelýänleri gujak açyp garşylamaly. Ýöne kakamyň maňa, oglum Göreşe eden haýynlygy ondan ýüz öwürmegime sebäp boldy. Ol meniň duşmanym. Özem wagşy duşmanym! Ol seniňem duşmanyň, oglum! Göreş, seniň damaryňda gadymy gaýduwsyz parlaryň gany akýar! Sen pederleriň adyna ysnat getirme!..

Göreş, serkerdeler, esgerler duşman dan ýeňilip, dyza çöken hem bolsalar beýle wejera bolmazdylar. Olaryň Mandanany, aýallary paýtagta döndermek üçin eden tagallalary boşuna gitdi. «Ýa ýeňşi, ýa ölümi görmän yza dönüş ýok» diýdiler.

Bu gezek parsuaşlaryň duşmana arslan ýaly topulyp, aýy kimin asylyşlary üýtgeşik boldy. Üstünlik köp mahallap bir ol tarapa, bir bu tarapa geçen hem bolsa, ahyrsoňy Göreşiň goşuny Ekbatandan gelen goşuny derbidagyn etdi.

Astiag ýesir alyndy. Göreş duşman bolan hem bolsalar, söweş meýdanynda gabat gelen ýagdaýynda gypynç etmän birbirege gylyç saljagam bolsalar, häzir öz babasyny ýeňilen, ýesir görnüşinde görmek islemedi. Özüni ýagty jahandan mahrum etmek üçin her hili wagşylyga baş uran babasynyň günäsini, etmişini unutmadyk hem bolsa, mynasyp jezasyny bermek üçin oňa elgöterip bilmejekdigine olgöz ýetirdi.

Midiýa şasy Astiagy onuň öňki baş ser kerdesi, indi ganym duşmanyna öwrülen Garpaga tabşyrdylar.

Garpag öňki hökümdarynyň gözüne ýigrenç bilen garady. Akinagy gynyndan bir garyş çykaran Garpag başky niýetinden el çekip, pidasynyň üstüne topulmaga häzir bolup duran kepjebaşyň haşyrdysy ýaly ses çykardy. Ol:

– Astiag, düýn tagtyň üstünde, bu gün topragyň üstünde otyrsyň. Seniň meni zyýapat agşamy nähili nahar bilen hezzetläniňi unutmadym, unudybam bilmerin. Meniň seni akinagyň tygy bilen paramparça etjek bolup duran şu pursadymda sen agtygyňa garşy, meniň perzendime garşy eden wagşylygyň dog rusynda näme aýtmak isleýärsiň?! Elhenç etmişiňe ýüregiň syzlaýarmy, ynsanlyga sygyşmaýan günäň manysyna düşünýärmiň?! Ahmyr edýärmiň?

Astiag öz häzirki ýagdaýyndan habarsyz, öňki serkerdesiniň

otlukly sözlerini düýbünden hasaba almaýan ýaly söz açdy:
– Ahmyr edýän. Ýöne ol seniň garaşýan, seniň pikir edýän ahmyryň däl. Men gözi açylmadyk parsuaşly şagaljygy öz ellerim bilen jähenneme ýollamalydym. Ine, meniň ýalňyşym. Ine, meniň ahmyrymyň sebäbi!
Men toprakda oturan hem bolsam, senden şa derejesinde belentdirin. Sen meniň gulum ahyry! Eýsem, sen, meniň iň ynamdar serkerdäm, şu agzy sary Göreşiň edenini dogry hasap edýärmiň?!
– Ilki bilen men seniň däl, taňrylaryň guly! Onsoňam seniň agtygyň edenlerini diňe goldamak däl, eýsem, ony şol ýola gönükdiren, bu zatlaryň amala aşmagyny guran özüm.
– Onda sen meniň pikir edişimdenem has akmak ekeniň. Özüň eýeläp biljek halyňa tagta tarap ýoly başga birine açyp bermek, akmaklygyňam aňrybaşy bolýar. Aýdaly, menden dynmak isläpsiň, näme üçin başga bir midiýalyny tagta çykarmadyň?! Ýa-da özüň… Indi parslar Midiýany dolandyrar, midiýalylar ömürlik gul bolup galarlar…
– Heýde öz agtygyňa, seni gala ýaly goraýan serkerdäň ogluna beýle wagşyçylyk edilermi?!.
– Sen hökümdarlygyň nämedigi ni bileňok, oňa düşüneňok! Gezek tagta ýetende hökümdar üçin ähli kişi küştüň çöpünden enaýy däldir. Ol diri bolup dik durmy, öli bolup ýykylyp ýatyrmy – onuň üçin bary bir…
Otuz bäş ýyl patyşalyk sürenden soň Astiag Midiýadan, tagtyndan el üzdi. Göreş bolsa, indi özüni ägirt uly imperiýanyň hökümdary hasap edip bilýär. Onuň özide, onuň töweregindäkilerem bu hakykatda ýokary güýçleriň gudraty bar hasap edýärler.
Babasynyň ykbalyna Göreş Garpagdan parhly bakýar. Ýeňen köp hökümdarlaryň edişi ýaly ýesiriň kellesini hyzlawuk kädi ýaly kakyp goýbermek iň aňsat usul. Ýöne ariler aslyndan bolan,özleri bilen kökdeş assiriýalylary dyza çökermegi başaran, müňlerçe kişileriň ylham alýan midiýalylarynyň şasy, meşhur Kiaksaryň ogly Astiagy, öz babaňy öldürip, seniň gazanjagyň näme?! Onuň saňa edenlerini adamlar birçak ýatlaryndan çykardy. Seniň etjegiň welin, entekentek

unudylmaz.
Netijede täze duşmanlar, ýigrenç we nälet…
Dogupdöräli bäri dünýäniň özüne tabyn bolmagyny isleýän Göreş ýesire ýowuz jeza bermän, onuň günäsini geçip, şular ýaly irnik meseledehem özüniň özgelerden tapawutlydygyny ile görkezmeli. Ýeňilen duşmanyň günäsini ötüp, onuň özüne hyz mat etmegini gazanmaly. Ol babasyny hem özüne ýakyn, hemişe töweregini gallaýan topara goşup, Midiýanyň paýtagty Ekbatana tarap hereket etdi.
Bu Göreşiň yzyna düşen parslaryň hem beýleki taýpalaryň, midiýalylaryň hem ençeme tireleriň agzybirlik ýörişine öwrüldi. Dörän bu birligi pugtalandyrmak üçin Göreş gol astyna geçen ähli goşun birikmelerini deň derejede birmeňzeşýaraglandyrdy. Ýeňen ýa ýeňilen diýen düşünjeleriň peýda bolmazlygy üçin serkerdeleriň, nökerleriň mertebesini peseltjek hiç bir hereketiň, hiç bir sözüň meýdana gelmezligi üpjün edildi. Göreş Astiagyň mirasdüşeri — agtygy ahyry! Indi midiýalylar onuň raýatyna öwrüldiler.
Ägirt uly häkimligi, mümkinçilikleri ele geçiren Göreş öňem binagärçilik akylynyň ýokary önümi bolan Pasargady geljekde öz hakyky paýtagty hökmünde görmek isläp, täzetäze köşkleri gurmagy, berkitmeleriň entek görülmedik şekilde bina edilmegini emr etdi.
Göreş babasynyň baýlyklaryny ele geçiren hem bolsa, onuň midiýalylary talamak niýeti asla ýokdy. Indi midiýalylaram, midi ýalylaryňkam onuň özüniňkidi. Özözüňi talamaga nähili zerurlyk bar?! Ol basybalyjy däl, ol öz mirasynyň hak eýesi. Ol şa! Ol indi tagtyny, ýurduny, halkyny, ähli baýlyklary goramaly.
Bir mahal çarwadar parlara medeniýeti öwreden elamiler ýaly, midiýalylar hem Anşan halkyna özleriniň otuz alty harply elipbiýlerini, ýag we çyg geçirmeýän, göle hamyndan eýlenip ýasalan pergament kagyzyny ulanmagy, gamyş bilen dälde demir galam hem syýa bilen hat ýazmagy, ekindikin kadalaryny, oturymly ýaşaýşyň düzgünlerini öwretdiler.
Parslar bolsa, olara erkinligiň, bilime teşneligiň, gaýduwsyz häsiýetliligiň hemsö weş taýýarlygynyň nämedigini görkezdiler.

Göreş patyşa bilen halk arasyndaky birligiň geljekde maksatlaryna amal etmek üçin nähili möhümdigine düýpli akyl ýetirýär. Şonuň üçinem ol döwlet gurluşyna täzelikler girizdi. Ol ýedi sany hany, özi hem olar bilen deň, ýöne olaryň arasynda birinji derejesinde bolup, «şa mejlisini» döretdi hem maslahat çagyrdy. Şeýdip, ol raýatlryň, gadymy çarwaariasyl taýpalaryň döwleti dolandyrmaga gatnaşmaklaryny üpjün etdi. Şa ýerlerdäki dikmeleriň öňküsi ýaly midiýalylardan bolmagyna garşy çykmady.
Diňe käýerlerde olar bilen deň derejede hukukly pars häkimleriniň bolmagyny hem düzgüne girizdi.
Uly hem güýçli ýurduň patyşasy bolan Göreş töweregindäki ownuklyirili döwletleriň, güýçli hem juda kuwwatly hö kümdarlaryň özüne nazardan sypdyrman bakyşlaryny duýşy ýaly, onuň özi hem uzak daýakynda bolup geçýän her bir wakany, her hili özgerişligi siňňin synlaýardy hem düýpli seljerýärdi.
Lidiýa döwletiniň depseň yranmaz baýlygy köp kişileriň agzyny suwardýardy. Ýurduň şasy Kreziň ykbalynda hem Göre şiňkä meňzeş waka bolup geçipdir. Lidiýa şasy Alyaganyň ogly, şazada Kreziň kakasy nyň tagtyny eýelemäge has mynasypdygy mälim bolup başlandan, saman astyndan suw akdyrýanlar tapylyp ugraýar. Ýurduň ýunanlar bilen ýakynlaşmagyny isleýän toparlar tagta Alyaganyň beýleki ogly Pan telony çykarmagy maksat edinýärler. Olar Krezi aradan aýyrmaga Pantelonyň ejesini — şa aýalyny hem yrýarlar. Ol aşpez aýala Kreziň naharyny zäherlemegi buýurýar. Aşpez pynhan jenaýaty habar berenden soň, şazada dildüwüşijileriň pyglynyň puç bolmagynyň ýoluny tapýar. Şeýdip, özi aman galýar. Otuz bäş ýaşynda tagta çykan Krez ilki bilen janyna kast etmegi guran Sadiagyň ýoguna ýandy, onuň ymgyr baýlygyny öz haýryna geçirdi. Pitnede eli bar bolan şazada doganynyň hem temmisini bermekçidi. Ýöne mekir Pantelon ynanjaň, ýukaýürek doganynyň günä geçmesini gazanyp bildi. Ol ýurduň etegine sürgün edilmek bilen janyny halas etdi.
Krez aşpez aýalyň altyndan ägirt uly heýkelini dikeltdi.
Göreş bilen Kreziň ýagdaýy dagyň depesinde ýatan ýolbars bilen dagyň beýleki gerşinde ýatan gaplaňyň boluşlaryna meňzeýärdi.

Olar birbirlerini görmeseler hem her biri beýlekisiniň hereketini duýup, nagra tartyşyny eşidip ýatan ýalydylar.
Lidiýa şasy Parsuaş patyşasynyň eseboýa galyp, özüni tijemegini islänok.
Lidiýalylar, şol sanda Krez hem ýokary güýçleriňgudratyna,münejjimleriňgüýjüne ynanýar. Ýunanlar bilen gatnaşyklaryň juda ýakynlygy bu hyýaly hakykatlara ynanjyň has giň ýaýramagyna sebäp bolupdyr. Şonuň üçinem Krez entek gögele bäsdeşiniň bogazyny wagtynda owkalamak isleginiň näderejede mümkindigine göz ýetirmek üçin palmanlara sala salmagy makul bildi.
Gymmat bahaly, altynkümüş sowgatly wekiller Parnasyň eteginde ýerleşýän meş hur bilgiçleriň mekany Apollon buthanasyna baryp ýetdiler. Elten peşgeşlerine görä gowy garşylanan myhmanlar öz patyşalarynyň bilmek isleýän hakykatyny orta atdylar: «Lidiýanyň patyşasy Krez parslar bilen söweşmelimi hemde bu söweşde özüne ýaran agtarmalymy?!»
Olara berilen jogapda lidiýalylaryň batyr ellinler bilen bile hereket etmelidikleri aýdylypdyr. Görünen esasy aýanlyk bolsa, şundan ybarat: «Taňrylar Kreziň parslar bilen söweşe girip, beýik imperiýany weýran etjekligini habar berýär».
Alyaganyň ogly Krez üçin ähli zat düşnükli. Hakykatdanam Göreş ägirt uly imperiýany döretdi. Ýöne müsürliler hem babyllylar goldawa taýýar, spartanlylar gä milerini hem saýlamagoşunyny gurşap ýör, Müsüriň baknasy Kipr uly goşun toparyny gämä mündürip ugrady. Bular ýaly amatly mümkinçiligi Krez, belki, düýşündede görüp biljek däldi. Sähel öwsen şemala lemmerlemmer bolup, bir ýere ýygnan gara bulutlar ýaly bolup üýşen bu ýygynan döwletleriň her biriniň geljekki Göreşden howpurgaýandygynyň alamatydy. Krez Göreşi ýeňmek kararyna geldi. Bäş ýüz kyrk altynjy ýylyň ýazynda Krez Midiýanyň birnäçe şäherini basyp aldy. Soňra hereketini togtadyp, «Indi näme bolarka?» diýip, doňuz diňini salyp, garaşyp başlady.
Göreş Kreziň bet pyglyny ol entek here kete geçmänkä duýdy. Efesde mekan tutu nan serkerde Ewribat Krezden täze goşun döretmek hakynda buýruk hem köp muk darda altyn aldy. Serkerde öz patyşasynyň matlabyny Göreşe jikmejikligi bilen ýetirip,

eden dönükliginiň muzdy hökmünde be rilen altynlary giresine salmak isledi. Çünki ol goşun toplap, soň janyny howp astyna salyp, söweşe girip, hatda ýeňiş gazanyp, aljak ganymady bu baýlygyň müňden bir parasyna degjek däldi.
Şondan soň Ewribatyň ady ýunanlaryň arasyndauzak ýyllaryňdowamyndadönük ligiň nejis nusgasy hökmünde ýaşap gezdi.
Göreş daş-töwereginde bolup geçýän açyk hem gizlin hereketleri öwrenip, seljerip, aýgytly ädim atmagyň wagty gelendigine akyl ýetirdi. Ol depäňden dökülýänçäler garaşyp oturmagyň ýal ňyşdygyny, başyňdan injek belanyň öňüni almalydygyny oňat bilýär. Şonuň üçinem Göreş belentliklere göterjek, beýik işlere ýetirjek şöhratly ýoluň ilkinji ädimlerini atdy. Ol Didjle derýasyna tarap ýoly geçip,
derýanyň iki akym arasyndaky Arbela şä herini basyp aldy. Entek gögele wagty, pursatdan peýdalanyp, babyllylaryň ele geçiren Harran şäherini gaýdyp alyp, özüne birikdirdi. Şeýdip, Klikiýanyň alkymyna dykylyp geldi.
Göreşbular ýaly çylşyrymly meselelerde birýol bilen gidip, diňeduşmanyň maňlaýy na patyladyp urmak usulyny ulananok. Her hili tärleri deňäp görýär. Käte oňaýly netije bermejegini bilsede, ýeňiş salgym bolup görünýänhembolsa, niýetinden elçekenok. Ýaramaz netijede netije, başga bir babatda onuňam derdiňedelalatydegýänýeribolýar.
Esasy zat ýalňyşy ikinji gezek gaýtalamazlyk.
Göreş Kreziň, onuň pederleriniň ýunanlar bilen elmydama bir-birege çep gelen pursatlarynyň köp bolandygyny bilensoň, dürli ýunan şäherlerine ezijilere garşy baş götermek teklibi bilen çaparlaryny ýollady. Ýöne mundan hiç hili netije çykmady.
Bu gezek Göreş Kreziň hut özüne ilçi ugratdy. Gandöküşikligiň bolmazlygy üçin ylalaşyk teklip etdi. Ol Krezden özünden aman dilemegini, Lidiýanyň Parsuaşa bakna bolmagyny talap edip, eger şeýle etse, onda ol öz patyşalygyny saklap, dikme derejesine eýe boljakdygy hemoňaýaňzydylýar. Özem bular minnet matasyna dolanan şekilde beýan edilýär.
Bular ýaly teklip Krezi dälilik hetdine ýetirdi. Ol Merminadlaryň nesliniň hiç haçan, hiç kime bakna bolmandygyny,

özleriniň garaşsyzlygyny hemme zatdan belentde goýýandyklaryny yglan etdi. Onuň bu sözleriniň içinden otýalyn bolup çykýanlygy mesemälim bildirip durdy.
Hemme zat düşnükli.
Göreş aýgytly hüjüme girişdi. Klikiýanyň bitarap galyp, özüne paç tölemäge boýun bolmagy Göreşiň ilkinji ýeňşi boldy.
Soňra Göreşiň leşgeri Kappadokiýa girdi, Galis derýasyndan geçip, Pteriýa şäheriniň golaýynda lidiýa goşunynyň garşysynda peýda boldy. Juda giň jülgäniň ugrunda ýerleşen Krez ýol, aragatnaşyk babatynda ägirt uly artykmaçlyklara eýe de bolsa, ordada mizemez birlik ýokdy. Dürli toparlardan düzülen goşun entek jebis hatarlar bilen eginegne berip jeň edip görmändi.
Göreşiň goşunynda ruhubelentlik, islendik söweşde ýeňşe ynam höküm sürýärdi. Serkerdeleriň diňe batyrlyk esasynda belende galyşlary, kuwwatly Astiagdan üstün çykylmagy, Göreşiň her hili kyn ýag daýlardan çykalga tapýanlygy baradaky rowaýata öwrülen gürrüňler esgerleriň güýjüne güýç, gaýratyna gaýrat goşýardy. Ýaraglarynyň üpjün, gurat bolmagy hem esgerleriň söweşe bolan höwesini, ýeňşe bolan ynanjyny artdyrýardy. Tekerlerine demir çalgy berkidilen iki tigirli söweş arabasy duşmanyň pyýada goşunyny paýhynlap bilýärdi.
Göreşiň duşman mekanyna ýollan gizlin çawuşlary herdürli maglumatlary ýetirip durýardy. Birleri altynyň güýjüne, başgalary patyşanyň zoruna, beýlekileri olja almagyň höwesinde, nebsiniň yzyna düşüp, Kreziň ýanyna akynakyn gelýändikleri mälim boldy.
Göreş atyna atlandy. Ýanyndakylaram şeýleetdiler. Olaryň hemmesiniň geýimgejimi, ýaragesbaby birmeňzeş: goýy gyrmyzy reňk, gysga ýeňli kürtekçe, misden sowut we başgap, akjyga, ýaýbaň ýüzli gysga gylyç hem naýza, aty mis apbasyly, özüniňem, atynyňam dyzy mis goragly. Hemmeleriň ýaragy solgun altynsow reňkde.
DiňeGöreşiň söweş esbaplary aýna ýaly lowurýardy.
Boljak jeňde söweş nyzamyny Göreş düzdi. Özem döwüşiň öň sapynda boldy. Duşmanyň baş serkerdäni gola salmak, şeýdibem özleri bilen söweşýän esgerleriň kalbyna dowul düşürmekpygly birnäçege zek amalaaşarly göründi. Darkaşda Göreşiň

lidiýalylaryň goşun saplarynyň iň ygtybarsyz ýerinden hüjüme geçmegi, netijede duşmanyň gaçmaga mejbur bolmagy bu jeňiň ykbalyny çözdi.
Ýeňijini mesemälim kesgitlemek kyn hem bolsa, Kreziň hem onuň ýaranlarynyň bilиniň omrulandygyny çak etmek müm kindi. Lidiýa goşuny söweş nyzamyny bozman yza çekilen hem bolsa, ýaralaryny saramak üçin olara ýoňsuz zamanyň zerur boljagy görünip durdy.
Gyş ýakynlaşansoň, Lidiýa şasy Sarda çekildi. Geljek ýazda amala aşyrylmaly aýgytly hüjümiň taýýarlyklary görülip baş landy. Çünki ol öz paýtagtyna ýetýänçä uly ýygynyň agdyk bölegi öz ülkelerine, öz şäherlerine tarap ýola düşüpdi. Sebäbi indiki ýaza çenli garaşyp ýatmagyň hiç manysy ýok.
Yza çekilýän agyr leşgeri synlap duran Göreş, islese, oňa zarba urup, köp heläkçi lik edip biljekdigine düşünýärdi. Ýöne ol bu pikirinden el çekdi. Kreziň terk etmäge mejbur bolan Pteriýa hem Kappodokiýa şäherlerinde ol bu ýurda azatlyk, erkinlik getiren serkerdedigini şäher ilaty bilen gatnaşyklarynda görkezýärdi. Şeýle bolan soň, ol ýakyn wagtda, zerur pursatda ýerli ilatyň öz baýdagy astynda toplanjakdygyna ynanýardy.
Krez, belli bir derejede, özüni uly bet bagtlykdan halas bolan hasapetdi. Gyş paslynda, garlyýagyşly günlerde garaşylma ýan hiç bir zat ýüze çykmaz. Şonuň üçinem saklamasy aňsatbolmadyk ordasynyňesasy bölegini borçlulykdan boşatdy. Onuň alty ny köp. Hazynanyň gapysyny açan mahaly häzirki ikigöwün ýaranlarynyň hemmesiniň täze bala çozan siňekler ýaly bolup, töwe regine ýygnanjakdyklaryny bilýär. Onsoň özem mazaly ýara alan, howa şertleriniň päsgel bolup biljek şu günlerinde Göreşiň gelip, galanyň derwezesini tokmaklajakdy gy akylyňa sygjak zat däldi.
Eýsemde,ol şol derejede tentekdäldir. Dogrudanam, Göreş tentek däldi. Göreş akyllydy. Sagdyn pikir etmäge ukyply her bir kişi Göreşiň ýerinde bolsa, beýle hereket etmezdi. Haçanda ollidiýalylaryň paýtagty nyň ýerleşýän jülgesinde peýda bolanyn da muňa Krezem ynanyp bilmedi. Uzak bolmadyk geçmişde deri şylhany geýim diýip geýip ýören çarwa, doly manydaky köşk eşretinden mahrum, şerap tagamyny datmadyk, kak suwuny iň

şirin içgi hasaplaýan taýpalara kököni uran parsuwaşly patyşanyň, Zeminde iň medeni imperiýa nyň şasynyň, iň kuwwatly döwletler bilen birlikde hereket edip bilýän hökümdaryň garşysynda boý görkezip bilýändigi, dog rudanam, geňdi. Ol muňa niçiksi milt edip bildikä?!
Krez Göreşiň ruhy halyny çözmäge synanyşýan pursady Anşan şasy boljak söweşiň aladasy bilendi. Ol serkerde Garpagyň paýhasly pikirlerinden peýdalanyp, gopjak çaknyşygyň ykbalyny atly goşunyň çözjekdigine göz ýetirdi. Ol duşmanyň atly goşunynyň esger sanynyň artyklygyny, taý ýarlygynyň kämildigini anyk bilýär. Şonuň üçinem çözgüt özözünden ýüze çykdy. Söweşiň ykbalyny çalgyly at arabalary çözer. Öň bu söweş usuly diňe pyýada goşu na garşy ulanylýan bolsa, bu jeňde ol atly goşun hatarlaryna garşy hem ulanylmaly.
Söweşiň aldymberdimli pursadynda öz söweş usulynyň netijelidigine begenen Göreş, başga bir tarapdan lidiýalylaryň bel le gysga möhletde söweşe taýýar bolmak ukybynada haýran galdy.
Göreşiň öňünde has möhüm hem juda çetin bir wezipe durdy. Paýtagt şäher Sard iki ujy kert gaýalara birigýän «şaseňňeri» bilen goralýar. Berkitmäni zabt edip, şähere aralaşmak asla akyla sygjak zat däldi. Onuň berkligi, mizemezligi, asla geçilmezligi barada onlarça rowaýat bar.
Edil häzir – bäş müň kyrk altynjy ýylyň gyşynda şähere hüjüm ediljeginiň hiç bir alamaty göze ilmeýärdi. Göreş şäheriň golaýynda çadyryny dikdi. Goşun ýaza garaşylýan şekilde ýerleşdirildi hem üpjün edildi. Elbetde, bu söweş sungatynyň kadalaryna görä, iň dogry karardy. Ýöne Göreş öň ýazylan kadalara boýun bolup, öň geçilen ýollara kaýylbolup hereket etjek bolsa, onda ol Göreş boljak däldi.
Göreş güýçbilen hereket edilmeli däldigine akyl ýetirdi. Özem bu ýerde goş basyp ýatsa, başda gazanylan artykmaçlygyňam, erjelligi boýunça entek söweş taryhynda görülmedik täzeligiňem – bularyň barysynyň puç boljakdygyny ol bada duýdy. Wagtyň geçmegi bilen, ýazda öz garşyňda lidiýalylaryň görlüp-eşidilmedik kuwwatly goşunyny göräýmegiň ähtimallygyny hem unutmaly däldi. Kreziň altynam, başga baýlygam kän. Edil häzir

wagt onuň bähbidine işleýärdi. Pursady elden sypdyrmaly däldi. Göreş goşunyna goragly şähere girmäge şert döreden adama peşgeş – ägirt uly baýlyk berjekligini yglan etdi.
Teklip öz sülsadynyň arasyndan däl, lidiýaly dönükden gelip gowuşdy.
Gerdek atly birisi galany goraýjy bir esgeriň demir telpegini aşak gaçyrandygyny, ony almak üçin atyşhananyň gözünden çykyp, aşak düşenligini, soňam aňsatlyk bilen berkitmäniň içinegirenini görendigini habar berýär. Ol öz gaýduwsyz hemşerileri bilen galanyň birnäçe derwezesini açyp biljekdigini aýdyp, öz hyzmatyny hödürleýär.
Göreş goragçylaryň ünsüni sowmak üçin berkitmäniň arka tarapyna, Kreziň güýçleriniň esasy böleginiň toplanan ýerine hüjüm edende Gerdegiň topary şol gizlin ýodadan hereket edip, şäheriň dört derwezesini açmagy başardy. Çozup giren Göreşiň goşuny paýtagtyň etegini, Erkgalanyň golaýyndaky ilatly ýerleri dagdan inen sil ýaly bada süpürip taşlady. Ýöne dag belentliklerinde ýerleşen köşk entek ele geçirilmändi. Ol ýerde uzak möhletli goranyşa ukyply goşun güýçle rem ýeterlikdi.
Gerdegi ilki göreninde Göreşiň özün de bada dörän isleg onuň kellesini kakyp düşürmekdi. Hökümdaryna dönüklik eden kişide messep bolmaly däl. Ýöne ol beýle etmedi. Oňa garaşýanyndan hem artyk baýlyk eçildi. Bu myrryhyň alanyndan öz hemşerilerine bir zatlar emlejegine ynamy bolmansoň, olarada aýryaýrylykda altyn-kümüş peşgeş berdi. Bular Krez üçin dönügem bolsalar, Göreşe müňlerçe esgeriniň başyny aman saklamagyna şert döretdiler. Onsoňam dagyň üstündäki, häzirlikçe, lowurdap oturan köşgi ägirt uly altyndyr zümerret üýşmegi diýibem göz öňüne ge tirmek mümkindi.
Göreş Gerdege hem onuň guýrugyna düzülenlere öz ýakynyndan orun berdi. Entek olardan gelip biljek hemaýat köp bolmalydy. Şonuň ýalyda bular ýaly wyž dansyzlary ýakynyňda, gözüň alnynda tutanyň ýagşy.
Edil häzirki ýagdaýda Göreş ýaza çenli gozganman garaşyp ýatyberende de öz adyna, abraýyna çirk gelmejegine düşünýärdi. Çünki Lidiýanyň paýtagty, Kreziň köşgüniň esasy bölegi alyndy.

Onuň goşuny, soňuna çenli bolmasada, derbidagyn edildi. Oňa daşyndan geljek kömegiňem ähtimallygy ýok diýen ýaly. Zanny çarwadar parlardan bolan Anşan şasynyň garşysyna çykmak häzir hiç kim üçinem akyl işi däldi.
Göreş Sardda ilkinji gezek hakyky ýeňşine buýsandy. Ol entek duşman köşgüniň kalbyna aralaşmadyk hem bolsa, nähili baý, niçik kuwwatly döwleti dyza çökerendigini görüp, duýup dur. Lidiýalylaryň dünýä bakyşy, durmuşa garaýşy, ýaşaýyşlary bü tinleý parhly. Baýlygabezege, boltelkilige endik eden marmandlylar bu berkararlygy goramagam başarýardylar. Ýöne bu gezek
Anşan daglaryndan eňip gelen sil suwy lidiýalylaryň dagyň depesindäki şa köşgüniň kekirdegine çenli baryp ýetdi.
Howp hemmeden beter şa Krezi heläk eden bolara çemli. Ol asly çarwa şanyň – Göreşiň öňünde boýun egip, dyz epmäge mejbur boldy. Bu midiýalylar üçin ýokary güýçleriň altyn tebsiniň üstünde özlerine sunan iň beýik peşgeşidi.
Krez sap altyndan guýlan patyşalyk täjini başyna geýip, sag elinde laglyjowahyr dan bezelen şalyktugrasynymäkäm gysyp, taýýarlanan belent gury odun üýşmeginiň üstünde oturdylan tagtyna çykdy. Lidiýalylaryň gadymdan gelýän mizemez adatyna görä mermand otda ýanyp, öz ömrüni ta mamlamalydy.
Daýaw hem biynjalyk atyň üstünde söweş geýminde oturan Göreş garşysynda bolup geçjek sahnany gapmagarşylykly duýgular bilen dykgatly synlaýardy. Ol şeýle güýçli duşmanyny ýeňendigine buýsanç kalbynda bar hem bolsa, odunyň üstündäki tagtda alawlajak oda garaşyp oturan patyşanyň soňunyň şeýle tamamlanýandygyndan lezzet almaýandygyny hem duýdy. Şeýlede ol marmandlaryň gadymdan gelýän däbini bozup, Kreze amanlyk eçiläýse, lidiýalylarda özüne garşy bolan ýigrenç közüniň has-da beter körejekdiginede akyly çatýardy.
Midiýaly bisabyr esgerleriň birnäçesi buýrugagaraşmazdan, lidiýalylardan öňürti oduna ot degirdiler. Gury odun tüssesiz ýanyp başlady. Ýalyn barha ýokary dyrmaşyp ugrady.
Öz ykbalyna doly kaýyl Krez töwereginde bolup geçýän wakalary sowukganlylyk bilen yzlaýan ýalydy. Lidiýalylaryň dini ynançlarynyň örän köklüdigi, hudaýlara sarpalydygy äleme

aýandy. Krez ömrüniň ahyrynda näme dileýändiginede akyl ýetirmezden tälimçisi Solonyň adyny üç gezek gaýtalady, Apollon hudaýdan he maýat isledi.
Göreş birmahallar meşhurlygyň çür başyna çykyp, indem etegi ýanyp duran gury odun üýşmeginiň üstünde oturan Krez häzirki ýagdaýyndan ýeterlik ders alandyr hasap edip, sag elini ýokary göterdide, jezalandyrmagy bes etmegi emr etdi.
Öň ýaka ýyrtyp, geýimlerini oda oklaýan zenanlar, Kreziň hökümdarlygynda bagtly durmuşda ýaşan lidiýalylar bolýan ýagdaýa bada baha berip bilmän kürtdürip duran hem bolsalar, soňra mümkin bolan ähli serişdeler bilen ody öçürmäge girişdiler. Ýalmawuz ýalynyň dili ýakylýan patyşanyň lowurdaýan ädiginiň dabanyny ýalapýalap gaýdýardy.
Göreş galdyran elini aşak ýatyrdy welin, birden gök gübürdäp, ýyldyrym çakyp, çabga guýup başlady. Dünýäni suwsil eden ýagmyr ody şol bada öçürdi. Bolan ýagdaýy bu wakanyň şaýatlarynyň bir bölegi Kreziň Taňrydan eden dilegi esasynda ýalkanmasy, beýleki birbölegi bolsaGöreşiň gudratynyň äşgär netijesi hasap etdi.
Göreş Lidiýany basyp alandan soň, par-suaşlar üçin bütinleý ýat bolan bu döwlet gurluşyna, ýurt ýaşaýşyna düşünmegiň özüne kyn düşjekdigini bada duýdy. Şonuň üçin ýyllarboýy dowamedipgelendüzgüni döwmezlik kararayna geldi. Ol pars Tabaly Lidiýanyň hökümdary edip bellän hem bolsa, Kreziň ýakyny Paktiýany öňki edara ediş wezipesinde galdyrdy. Oňa ahyryna çenli ynanýanlygynyň alamaty hökmünde ýeňilen lidiýalylaryň hazynasyny Sarddan Ekbatana geçirmegi hem şoňa tabşyrdy.
Şeýdip, Krezem ýanyna alyp, Göreş öz paýtagtyna tarap ýola düşdi.
Ýöne ýaranlary Lidiýanyň masgaraçy lykly ýeňlişini içine siňdirip bilmeýän mü sürliler täze kuwwatly goşun bölümlerini döretmek howpuny salýardy. Mundanam has beteri Göreş bilen Kreze garşy söweşen gündogardaky taýpalaryň ýagdaýy gaýnaýan gazana meňzeýärdi. Has ýakyn bolan girkanlylar hem parfiýalylar, gan baglany şygy bolan massagetler hem baktriýalylar asylarili doganlarynyň – parslaryň basgysyna,

paç talaňyna döz gelmek islemediler. Şonuň üçinem ýüze çykan dartgynlylygy hal etmek üçin Göreş atynyň başyny gündogara öwürdi.
Edil şu pursat garaşylmadyk başga bir ýagdaý ýüze çykdy. Olja hazynanyň ykbaly ynanylan lidiýaly Paktiýa ähli baýlygy ele geçirip, hakyna tutma esgerlerden goşun döredip başlady. Ol bu güýçlere daýanyp, Sarddaky az sanly esgerli Tabaly derbidagyn etmekçidi. Paktiýanyň amala aşyrmak isleýän pyglyny kenarýaka ýunanlar ikielläp goldadylar. Çünki midiýalylaryň bu ýerlerde peýda bolmagy olaryň söwda gatnaşyklaryny bulam-bujar edip, gan damarlary kesilen ýaly boljakdy.
Bu hereket Göreşiň gaharyny gaty ge tirdi. Esasy sebäpkär hökmünde görensoň, ol ýanyndaky tagtyndan agdarylan patyşa şeýle diýdi: «Krez, bu nähili beýle bolýar?! Görýän welin, watandaşlaryň maňa hem özlerine soňsuz ýamanlyk etjek öýdýän. Men bulary gula öwreýinle diýip pikir edip ugradym. Eýsemde bolsa men, kakasyny öldürip, çagalaryna nebsi agyrjak adama meňzeýärinmi? Ine, men seniň kelläňi alman, ýesir hem bolsaň hormatlap, lidiýalylar üçin atalaryndan hem eziz bolan seni özüm bilen alyp gidip barýan. Paýtagty bolsa size – lidiýalylara goýup gaýtdym. Olar bolsa, meniň garşyma gozgalaň turuzýar. Ýeňsämden hanjar urýar!».
Halkynyň ykbalynyň keç gelmeginden gorkan Krez şu sözleri diýdi: «Hormatly patyşa! Aýdýan zatlaryň hemmesi hakykat, juda dogry. Ýöne jylawsyz gazaba ýol berme. Gadymy şäheri – paýtagty weýran etme! Çünki şäher öňki bolan wakalar üçinem, häzirki bolýanlar üçinem asla günäkär däl. Geçmişde bolanlara kelläm bilen men jogap berýärin. Häzirki bolýanlaryň jogapkäri seniň Sardyň ykbalyny ynanan dikmäň Paktiýa. Ana, şonuňam jezasyny ber! Lidiýalylaryň günäsini geç, pitne turuzmazlygy, seni biynjalyk etmezligi üçin bolsa, olaryň häzir meniň aýtjak zatlaryma baş urmazlyklaryny berk tabşyr: olara söweş ýaraglaryny saklamagy gadagan et; ýüň çäkmeniň astyndan ýeňsiz uzyn köýnek geýmege mejbur et; goý, çagalaryna kifar, lira çalmany we ow nuk söwdany öwretsinler. Onsoň, hormatly patyşa, tiz wagtdan söweş ruhly erkekleriň şöwkete meýillilere öwrülendigini öz gözüň bilen görersiň. Şeýlelikde, olar

tarapyndan seniň üstüňe hiç haçan gozgalaň howpy abanmaz».
Göreş bendisiniň bu sözlerine gulak gabartdy. Ol salgy berlenlere amal etmek, Paktiýany tussag edip, tertipdüzgüni di keltmek tabşyrygy bilen midiýaly Mazary Sarda ýollady. Özi bolsa, gündogara hereketini dowam etdi.
Mazar Sardyň töweregindäki parslaryň rahat ýaşamagyny derrew üpjün etdi. Emma Paktiýany tora düşürmek uzak wagtlap mümkin bolmady. Çünki ýunanlar parslaryň zor salmalaryna boýun bolmak niýetinde däldiler.Ýöne gaçybatalga mümkinçiligini döretmek kadalaryny bozup, Hios adasynyň häkimi, şu ýerde gizlenýän Paktiýany, masgara edip, parslara tabşyrdy.
Pitnäni basyp ýatyran Mazar bu herekete milt edenleriň jezasyny mazaly berdi. Beýlekilere göz edip, ýunanlylaryň mukaddes şäheri Priýenanyň ilatyny gul çulyga sezewar etdi. Soňundanam niýeti bozuk köp welaýatlary at toýnagynyň astyna aldy.
Sardda Mazaryň keselläp, aradan çykmagy Göreşi gündogara tarap hereketini togtatmagyna sebäp bolup bilmedi. Göreş Lidiýanyň hem onuň töweregindäki ýunanlylaryň ykbalyny öz halasgäri, serkerde Garpaga tabşyrdy.
Kenarýaka ýunanlaryň başy dertde bolansoň, olar haraý isläp, Sparta tarap ilçi Piferi ýolladylar. Ilçi häzirki pursatda raýdaşlygyň, goldawyň nähili zerurlygyny hernäçe düşündirmäge dyrjaşan hem bolsa, öň mydama Krezi goldan spartanlylar häzir öz kowumdaşlarynaýardam etmekden boýun towladylar. Ýöne Ege deňziniň ol kenaryndaky ýunanlara edilen zulmuň Ýunanystana garşy çykyş hasap ediljekdigi nygtalýan habar bilen Göreşe ilçi gönderildi. Anşan şasy deňziň aňyrsyndaky ýunanlaryň azi ýaly ýunanlardan parhyny bilmänsoň, bu haýbaty boş hem gülkünç gördi. Ol: «Janym sag bolsa, diňe bärdäki ýunanlaryň däl, eýsem, siziňem kelläňizi goparmagyň derdinde boljakdygymy size duýdurýaryn» diýip jogap gaýtardy.
Bolup geçen bu wakada Göreşiň örän uly utuşy bardy. Ol syýasy barlyk, bir döwletiň baştutany hökmünde daşary ýurtlaryň biri tarapyndan ilkinji gezek ykrar edildi.
Göreş bütin dünýäni eýelemäge girişmegiň wagty ýetdi hasap etdi. Ýöne ol işdämen nazaryny gündogara öwürdi. Çünki bu

giňişlikdäki döwletler, döwletjikler onuň üçin tanyş hem düşnüklidi. Öz kökleri şol ýerlerden çykansoň, ýüz keşbinde, kesbinde parhlylyklar bar hem bolsa, olaryň häsiýetindäki, dünýä bakyşlaryndaky ýodajyklarda, ýollarda inkär edip bolmajak umumylyk, meňzeşlik bar.
Göreş uly ýygyn toplap, beýik maksatlara amal etjek pursatlarynda ilki bilen ýakynlaryny, aýratyn hem duşmanlaryny haýran galdyrýan bir karara gelýär. Edil häzirki dörän ýagdaýda Göreş goşunlaryny günbataratarapsürmelidi.Gazanylanýeňiş, deňziň bärsindäki kenarýaka ýunanlaryň boýun egdirilmegi, deňziň aňyrsyndaky ýunanlaryň barmak çommaldan bolup, haýbat atmalary, esgerleriň söweş ruhunyň belentligi we başgada onlarça sebäp, serkerdäni atynyÝewropanyň üstüne sürmäge mejbur edäýjek ýaly. Asyl ony idip ýören düşünjeler, duýgular, niýetler bu işiň hut şeýle boljakdygyny görkezýär. Hemme kişide hut şeýle bolmaly diýip hasap edýär.
Göreş welin, gündogara tarap hereket etdi. Ädim lerini gündogara tarap gönükdiren şa özüniň atababalarynyň ýaşan, ynançlaryny kämilleşdiren çuňluklarynda aşaklara inip barýan hem bolsa, hakykat da öz taryhynyň şöhratly belentlikleriniň basgançaklaryndan ýokarlygyna hereket edýär. Göreş Grikaniýany, Parfiýany – pederleriniň ýurduny ele geçirdi. Bu döwletle riň başyna öz dikmesi, Arşamyň ogly, soňra özi ýaly şöhratly şa boljak Dariniň kakasy Gistaspy goýdy. Soň balsa, kän emgenmän, Areýany, Drangiýany, Arahosiýany boýun egdirdi. Bu gurply welaýatlar Assiriýanyň, midiýalylaryň baknalygyndan halasdylar, hindiler, messopotamiýalylar, müsürliler bilen ýakyn söwda gatnaşygyny amala aşyryp, öz bähbitlerine gulluk edýärdiler.
Göreş bu gatnaşyklary bozmak islemedi. Çünki azyk, toprak önümleri, el hünärleri, harytlary bilen üpjün etjek bir topary ýok etmegiň manysy ýokdy. Şa öz köşgünde girkanlylaryň, parfiýalylaryň, saklaryň, baktriýalylaryň serkerdeler derejesinde wekilçilik etmegine mümkinçilik döretdi. Ikitaraplaýyn ylalaşyk hem ynanç Göreşe öz goşun bölümlerini bu döwletleriň paýtagtynda ýerleşdirmäge we berkitmeleri

döretmäge mümkinçilik berýär.
Göreş Oks derýasynyň ýakalarynda hereket edip, Sogdiýanany basyp aldy. Bu ýerde ol öz azatlygyny hemme zatdan eý görýän halk bilen garşylaşdy. Güýçli garşylyk görkezilen, gaýduwsyz söweşilen ýerler boldy. Şeýlede bolsa, şa horezmlileriň hemde massagetleriň hökümdarlaryny yrmagy başardy. Ylalaşygyň bähbitlerini görkezmek üçin bolsa, Sogdiýananyň suwaryş ulgamyny bütinleý täzeden gurmak taslamasyny amala aşyryp başlady. Oks derýasynda birnäçe bentler, gatlalar gurlup, sarp edilýän suwa töleg getirildi.
Göreş demirgazyk tarapda maksat edinen çäklere ýetip, ol ýerde ýedi sany gala gurdurdy. Olaryň iň ulusyna, iň kaşaňyna öz adyny – Göreşgala adyny berdi. Onuň bina eden goranyş seňňeriniň bir ujy Sogdiýananyň paýtagty Samyrkende baryp ýetdi.
Şondan soň Göreş günorta tarap aşak inmegi ýüregine düwdi. Ýüzugra Margiýanany eýeläninden soň, Baktriýa topraklaryna aýak basdy. Ahamenilerden has öň ýaşaýşa zerurdürli gatnaşyklaryň makul derejesine ýeten bu halklarda birleşmek, parahat ýaşamak umytlary hemişede bardy. Göreş bu islegi goldamak bilen, özi barada ýagşy rowaýatlaryň, hekaýatlaryň döreme gine ýardam edip, ol tarapdan baksaňam, bu tarapdan seretseňem basybalyjydygyna garamazdan, özi barada utuşly ýatlamalaryň ýaşamagyny gazanyp bildi.
Ol Hind derýasynyň kenarlaryna ýetip, induslary hem özüne bakna etmegi başardy.
Göreş özüniň bütin dünýäni sorap biljek imperiýanyň düýbüni tutandygyna gözi ýetirýärdi. Indi ol haýsy tarapa hereket et sede gündogaryndanam, demirgazygyn danam arkaýyn. Bu rahatlygyň daşyndan şa öz maksatlaryny amala aşyrmak üçin zerur bolan ägirt uly serişdelere hem eýe boldy. Ukyply serkerde, her ädimi şowly şa hökmünde gazanan şöhraty hem köp hökümdarlary ukusyz goýup biljek şekilli.
Ol bäş ýyla çeken ýörişiniň netijelerinden hoşal.
Göreş birmahallar kuwwatlylygy bilen meşhur bolan Babylyň hal-ýagdaýyny hiç haçan nazaryndan sypdyranok. Dini ynançlary, dine baglylyklary örän mäkäm bolan babyllylaryň soňky

döwürlerde öz şalary Nabonidiň edýän samsyk hereketlerin den juda närazydyklaryny ol anyk bilýär. Halk onuň paýtagty terk edip gitmegini akmaklyk saýýar, hudaýlar şasy Mardugyň sarpasyny saklamazlygyny bolsa, akyldan azaşmak diýip hasap edýär. Onuň özlerine çekdirýän zulmuny halk öz belent şa adyna hyýanat, raýatlara dönüklik diýip düşünýär. Bu zatlaryň hemmesi Babylyň ýykylmak üçin yraň atyp duranlygynyň görnetin alamaty.
Biziň eýýamymyzdan öňki bäş ýüz kyrkynjy ýylyň gyşynda Didjle derýasyndan geçmek üçin Göreş köp sanly hem gowy ýaraglanan goşunyny kenara getirdi. Mundan ýedi ýyl öňem ol Lidiýany basyp almak üçin Arbela şäheriniň ýanynda, gyşda şu kenarda häzir bolupdy.
Goşunda öküz goşulan dört tekerli arabalaryň bolmagy, ulaglaryň birinde Hoasp derýajygyndan alnyp gaýnadylan, Anait tarapyndan çüfenen hem päkligi alamatlandyrýan suwuň kümüş gaplarda daşalmagy şanyň çynlakaý maksat bilen ýörişe çykandygynyň alamatydy. Harby hatarlaryň arasynda sekiz sany ak atyň çekýän Ahuramazdanyň goşa tigirli arabasynyň bolmagy bu pikiri hasda berçinleýärdi.
Goşunyň Didjle derýasynyň goly Gindden geçişi şowsuz başlandy. Mukaddes araba goşulan ak atlaryň biri suwa girenden soň yza tesip, güýçli akyma daýanyp bilmän, baglaryny üzüp, akyp gitdi. Bu ynjalykdan aýryjy alamatdy. Bu ýagdaýdan hiç kimiň garaşmaýan netijesi bilen çykal ga tapmalydygyna Göreş düşünýärdi. Ol: «Bu derýajyk şeýle bir köşeşer welin, hatda aýallaram ondan etegini öllemän ötüpbiler ýaly ederin» diýdi.
Goşun Didjläniň kenarynda mekan tutup, gözbaşyny Gindden alyp gaýdýan uly ýaplary çekip başladylar. Bu başlangyç köpler tarapyndan: «Göreş derýadan ar alýar» diýlip düşünilen hem bolsa, hakykatda şa basyp aljak ýurdunyň tozan hojalygyny dikeltmäge entek ýurda girmänkä başlap dy. «Wagt biderek ýitirilýär» diýip alňasan lar bolsa, patyşanyň bu pursady ýurduň içindäki özüne hemaýat etjek güýçleriň tijenmekleri üçinberýändiginden habarlary ýokdy. Elbetde, geçen wagt Babyl höküm dary Baltasaragüýçtoplamagamümkinçilik beren hem bolsa, ýurduň içindäki başbaşa-da janjanalyk Göreş üçin gazanjak

ýeňşiniň güwäsi ýaly bolup görünýärdi.
Umumy baştutanlyk öz elindede bolsa, goşuny dolandyrmagy babylly, Suzuň öňki hökümdary Gobriýe ynandy. Olaryň tarapynageçeninden soň parslaryň özlerinden parhly taraplaryny gözi bilen görmäge Gobriý mümkinçilik aldy. Täze hemşerileri niň kaýyllyk duýgusy ony haýran galdyrdy. Bularda hiç kim özüni beýlekiden belent tutjak bolup duranok. Saçagyň başyna geçenlerinde naharyň juda ýönekeýligi, birmeňzeşligi bularyň hiç birini biynjalyk edenok. Soňky geljek naharada garaşyp, gorjanyp oturan ýok, bar zatlara ýada hö dürlenjeklere açgözgaraýanam tapylanok, bisabyrlyk edýänem. Bu ýagdaýlaryň hiç biri onuň öň belet, öwrenişen adatylykla ryna meňzänok. Asyl olar iýmite, içgä gözi düşende tolgunyp, gultunyp oturmagy haýwanlara mahsus ýagdaý hasaplaýar ekenler. Gürleşenlerinde diňe oňat zatlar baradasöz açyp, gülüşenlerindehemmeleri gyzyklandyryp biljek wakalary esas alýarlar. Göwne degmek, ýalňyş ýorumlanyp biljek hereket etme ýok.
Göreş bir babatda özüne taňrylaryň hemaýat edýändigine berk ynanýar. Çünki bu ýagdaý öz özünden ýüze çykýar. Ol midiýaly lary boýun egdireninde oňa Garpag daýanç boldy. Lidiýalylary dyza çökereninde ýerli Ewribat bahasyna ýetip bolmajak kömegi berdi. Indi bolsa pars goşunlarynyň başyn da babylly Gobriý bar. Hatda Göreşiň ogly, atasynyň adyny göterýän Kambis hem juda ähmiýetli derejäni eýelänok. Ýokary mertebeli ahamenileriňneberesindenAnşan şasyGöre şiň hem şa aýaly Kassandranyň ogly, Parsuaş imperiýasynyň mirasdüşer şazadasy Kambis diňe kakasyna ýolhemra boldy.
Biziň eýýamymyzdan öňki bäş ýüz otuz dokuzynjy ýylyň güýz aýlarynyň başynda hereket Didjle derýasynyň boýundaky, soňra Selewkiýa diýlip atlandyrylan Opis şäheriniň eteklerinde başlandy.
Baltasar kakasy Nabonid bilen Göreşiň goşunynyň hüjümlerini togtatmaga çalyş salar hem bu olara başartmady. Onsoňam söweş başlanandan babylly serkerdeleriň ençemesi duşmanyň tarapyna geçdi.
Opisdäki söweşden soň başga ýerlerde gandöküşikli söweşler

bolmady diýen ýaly. Sebäbi Sipparda öňki dolandyryşdan nära zy ilat gylyçly gelenleri gujak açyp garşylap, häkimiýeti olara tabşyrdylar. Bu şäherden bolsa, Babyla baryýogy iki günlük ýol bar.
Göreşgalanyň galyň diwarlaryny gözden geçirip çykandan soň ýüzugra hüjümiň köp ýitgilere ýol açjakdygyna göz ýetirdi. Paýtagty gabaw bilen almaly. Ýöne Baltasar gabawy göz öňünde tutup galanyň içinde on ýyla ýetjek azyk-owkady taýýarlap goýupdy. Ýagdaýdan çykalgany Gobriý salgy berdi.
Didjle derýasy şäheri iki bölüp geçýär. Onuň suwuny gala girýän ýeriniň ýokary ýanyndan sowgutlar bilen başga taraplara gönükdirmeli. Şeýdibem derýanyň hanasyndan şähere aralaşmaly.
Göreş mümkin bolan ähli döwletlerde öz jansyzlaryny saklaýardy. Hatda özlerine dost hasap edilýänlerde-de. Çünki bu günki dost ertir duşman bolup bilýär. Häzirem ol jansyzlarynyň galanyň içinden berýän habarlaryna haýran galýardy.
Nabonid paýtagtyň elden gitjekligine düýpli ynanandan soň ýeke-täk gizlin çy kalgadan şäheri terk etdi. Göreş hüjümiň ähli jogapkärçiligini Gobrä tabşyryp, özi atly topar bilen onuň söbügine düşdi. Her hili üstünlik gazansaň hem ýurduň patyşasyny dyza çökermeseň, ýeňiş ýeňiş bolmaýar.
Duşmandan ökje göteren Nabonidiň öňünden ondan içi hyltly araplaryň atly topary çykdy. Iki ýoluň birini saýlap almaly bolan babylly şa Göreşe ýesir düşenini gowy gördi.
Gabalan şäherdäki Baltasaram gününiň sanalgydygyna akyl ýetirmän duranokdy. Içki howsalasyny basyp ýatyrmak, aljyrap ejizländigini aýan etmezlik üçin ol köşkde soňy kesgitlenmedik dowamly meýlisi yglan etdi. Dabara dik asmana göterildi. Şagalaňşowhun ýetjek dere jesine ýeten mahaly Göreşiň oýlap tapan bir mekirligi amala aşyryldy. Kellesi göçen Baltasar ýag pelteli çyralaryň şöhlesine öz mekanynyň diwarynda bir adam eli niň peýda bolandygyny gördi. Şol el ak diwara gara harplar bilen üç söz ýazdy.
Haýýaty göçen şa şol bada aýňaldy. Ýüze çykan howsala, bulam-bujarlyk dil bilen düşündirerden çetin. Bütin bedeni bilen galpyldaýan hökümdar bilgiçleriň derhal gaşynda dikilmegini

buýurdy. Baltasaryň ejesiniň beren salgysy bilen düýşleri iň dogry ýorup bilýär diýlip ykrar edilen Daniili getirdiler.
Ýahudilere ezýet baryny çekdiren babyllylaryň ykbaly bilen bagly bu tapmaçany Iýerusalimden bu ýere getirilen ilkinji ýesir ýahudi esgerleriniň biri bolan Daniiliň oňyn ýormajagy bellidi. Ol ýazgydaky sözleri şeýle okady: mene tekel peres. Bu sözleriň manysyny bolsa şeýle diýip düşündirdi: Taňry seniň şalygyňy bes edýär. Ykbal terezisindäki agramyň juda ýeňil. Ýurt iki parçalanyp, onuň bir bölegi midiýalylara, beýleki bölegi pars lara bakna bolýar.
Üç sözüň düşündirişi uzak hem bu lambujarrak boldy. Şeýlede midiýalylar bilen parslar bir bolansoňlar, basylyp alynan ýurduň iki bölünýändigi hem düşnüksiz bolup galýar.
Taňry ýazgysy şeýle bolansoň, Baltasarda başga alaç galmaýar.
Gobriniň göz öňünde tutan taslamasy garaşylýanyndanam gowy netije berdi. Akkadlaryň hem sümerleriň mirasdüşer leriniň şöhratly şäheri, älemiň merkezi hasaplanýan Babyl söweşsiz dyza çökdi.
Biziň eýýamymyzdan öňki bäş ýüz otuz dokuzynjy ýylyň güýzi, Baltasaryň ölüminden kyrk sekiz gün geçeninden soň, Göreş Nabonidi ýesir alyp, Babyla ýeňiji hökmünde gadam basdy. Ol ilki bilen özü ni adalatly, sahawatly şa hökmünde gör kezmek üçin elinden gelen bar zady etdi. Başda halka olaryň Nabonid tarapyndan mertebesi peseldilen dinini, hudaýlaryny, olaryň heýkellerini gaýtaryp berdi. Ähli babatda ol basybalyjy hökmünde hereket etmezlige çalyşdy. Netijede babyllylaryň sežde edýän taňrysy Mardugyň hut özü ni saýlapseçendigini ykrar etdirmegi başardy. Döwrüň ýyl ýazgysynda şeýle sözler bar: «Marduk ähli ýurtlary gözden geçirdi. Ol öz kalbyny ynanyp biljek patyşany gözledi. Ahyrsoňy ol öz gözleýänini tapdy. Ol bütin dünýä hökümdar bolmaga mynasyp diýip, Anşan şasy Göreşiň adyny tutdy…»
Şondan soň Göreş özüni şeýle yglan etdi:
*«Men bütin dünýäniň şasy Göreş. Beýik hem ýeňilmez patyşa. Sümer hem Akkad ýurtlarynyň, bütin Zeminiň şasy. Men Anşanyň şasy, beýik patyşa Kambisiň ogly, Anşan şalary beýik Ki:riň agtygy, Beýik Taispesiň çowlugy, Bel hem Nabu taňrylarynyň*

*kalplarynda saklaýan şalyk hökümdarlygynyň baky goragçysy».*
Göreş ilkibaşda Gobrini ýurda hökümdar bellemek niýetinden el çekip, Kambisi Babylyň şasy diýip yglan etmek kararyna geldi. Ýöne bu ýerde gadymdan gelýän dini hem hukuk kadalaryna görä, şa seçiljek kişi uzak hem köp babatda mertebäňi peseldýän synaglardan geç meli eken. Surnukdyryjy bu dabaranyň ahyrynda Baş kethuda Kambisiň ähli şalyk nyşanlaryny elinden aldy we Mardugyň heýkeliniň öňünde goýdy. Soňra ol şanyň ýaňaklaryna şapbat çaldy, gulagyndan tutup süýredi, dyza çökerdi. Şa hiç haçan, hiç bir pursatda taňrylaryň garşysyna git mejekdigine kasam etdi. Ýenjilende şanyň gözlerinden gözýaş damjalary dökülse, bu onuň kasamyna wepaly boljaklygynyň alamaty. Elbetde, Kambis iýen şäkärdi üçin dälde düşen gününe namys edip gözýaş döküp biljekdi. Ýöne ol kakasynyň emrine boýun bolman, özi üçin myrtaram bolsa, däpdessurlaryň gaňryşyna gaýdyp, Babylda syýasy häkimiýetiň yranmasyna ýol berip biljek däldi.
Dogrudanam, bu çeken ezýetleri netijesinde, dabaralaryň on ikinji gününde Kambis Babylyň patyşasy boldy. Kakasy Göreş bolsa bütin dünýäniň şasy derejesinde galdy.
Biziň eýýamymyzdan öňki bäş ýüz otuz sekizinji ýylyň ýazynda Göreş midiýalylaryň beýik şäheri, atasynyň gadymy paýtagty Ekbatana gitdi. Ol bu ýeri özüniň tomusky mekanyna öwrüpdi.
Göreş öz hökümdarlygynda bütin dünýä imperiýasyny döretmek maksadyndan el çekenok. Özüni dünýä şasy diýip yglan edýän hem bolsa, ýer ýüzünde entek atlaryny bilmeýän ýurtlarynyň hem barlygyna onuň akyly çatýardy. Hatda bu hereketi üçin ilkinji, çynlakaý päsgelçilik boljak Müsür öz ýaşamagyny dowam et dirýär. Özem ýoňsuz zaman dowamynda ony bakna etmäge synanyşanlaryň hiç biri oňyn netije gazanyp bilmedi. Göreş ähli halklara azatlyk eçilýän, adalata gulluk edýän şa hökmünde tanalmak üçin my dama alada edýär. Babyl ele geçirilensoň, ol birmahal bu ýerlere sürgün edilip getirilen, dini mukaddeslikleri talanan ýahudylaryň ykbaly bilen düýpli gyzyklandy. Bu ýagdaýyň esasynda bedeninde akýan ganda ýahudy paýynyň hem barlygynyň ýada syýasy bähbidiň zerurlygynyň ýatanlygynyň ähmiýetini anyklamak kyn.

Müsür meselesi ýüze çykanynda ýahudylaryň öz watanlaryna dönmegi, Iýerusalimi dikeltmekleri, olaryň dostlukly döwlet döretmekleri Göreşiň öz niýetini amala aşyrmagyna goldaw bolup biljekdi. Şeýlede boldy. Babyldaky ýahudylar kanun esasynda azatlyklaryna gowuşdylar. Ata mekanlaryna dönmeklerine rugsat edildi. Sežde edýän mukaddeslikleri gaýtarylyp berildi. Iýerusalimiň dikeldiljekdigine umyt döredi.
Watana dönüşiň ilkinji toparynda elli müň töweregi ýahudy bardy. Göreşiň ýahudylaryň zandyny ýitirmezligi, birligi, bagty üçin eden bu pidakärligini ne hudaýlar, ne ynsanlar ýadyndan çykaryp biler.
Göreş tiňkesini Müsüre diken hem bolsa, öňe seredip, arkasyny görmek en diginden entek el çekmändi. Ol Babylyň üstüne çozmazdan öň bäş ýyllap ýöriş edip, Ýaksardyň kenarlaryna ýetipdi, de mirgazykda Horezmi we Sogdiýanany boýun egdiripdi.
Şeýle seredäýeniňde edil häzir ol giňişliklerde Anşan şasyny ynjalykdan aýyrjak göz-görtele bir alamat görünmeýär. Emma Müsüre edilen ýöriş mahaly, aýratyn hem onuň bilen bagly käbir kynçylyk ýüze çyksa, imperiýanyň günortasynda hem demirgazygynda nähili hadysalaryň gopjagy belli däldi.
Erkinligi söýýän, gaýduwsyz halklar, taýpalar we tireler gan baglarynyň barlygyna garamazdan, amatly pursatdan hökman peýdalanarlar. Olaryň ýyndam atlarynyň toýnak sesleriniň Müsürdekäň ýeňsäňden eşidiläýmegi juda ahmal…
Göreş atyny uçgyraksyz sähra giňişliklerine tarap sürmäge karar etdi.

Orazguly ANNAÝEW,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy. Taryhy proza